**Aşgabat şäheriniň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem şäheriň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Aşgabat şäheriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi, Berkararlyk etrabynyň, Bagtyýarlyk etrabynyň, Büzmeýin etrabynyň hem-de Köpetdag etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümleri 2024-nji ýylyň 8-nji maýynda S.Türkmenbaşy şaýolunyň 81-nji jaýynda ýerleşýän Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň edara binasynda, sagat 09:00-dan 12:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:

Aşgabat şäheriniň S.Türkmenbaşy şaýolunyň 81-nji jaýy (Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň edara binasy).

**Habarlaşmak üçin telefon belgiler:**

| | |
|---|---|
| Aşgabat şäheriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliginiň ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi | tel: 92-14-56 |
| Bagtyýarlyk etraby | tel: 37-46-68 |
| Berkararlyk etraby | tel: 37-46-67 |
| Büzmeýin etraby | tel: 33-12-69 |
| Köpetdag etraby | tel: 92-71-70 |